# Adam peşewi hakda täsin ýigrimi maglumat

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Adam peşewi hakda täsin ýigrimi maglumat ADAM PEŞEWI HAKDA TÄSIN ÝIGRIMI MAGLUMAT

*Organizmdäki minerallar ýaly käbir maddalaryň sazlaşygyny saklamak üçin böwrekleriň ugrukdyrmagynda jynsy agza arkaly daşaryk akyp çykýan peşew taryhyň dürli döwürlerinde dürli-dürli ýagdaýlarda ulanyldy. Adamzat organizmiň galyndy hökmünde daşaryk bölüp çykarýan bu suwuklygyndan peýdalanjak bolup aklyňa-oýuňa sygmajak emellere ýüz urdy. Bu «mugjyzawy suwuklyk» barada bilen wagtyňyzda sizi haýrana goýjak ýigrimi maglumaty aşakda dykgatyňyza ýetirýäris.*

**1. Gadymy Rimde käbir aýallar peşewinden gülüň ysy gelsin diýip skipidar (sosna agajynyň şişkasyndan sykylyp alynýan ýag) içýän eken**.

Skipidar ýagly reňki suwuklandyrmak üçin ulanylýan maddadyr. Ol zäherlenmelere sebäp bolup bilýär.

**2. Gadymy Hytaýda aýal-gyzlar we erkekler dik duran ýerinde buşugypdyr**.

Hytaýly begzadalar bolsa içi boş gamyşlara buşugypdyr, şeýtmek bilen olar siýdiklerini özlerinden has daşa akdyrypdyr.

**3. Mundan iki ýüz ýyl töweregi öň ýewropaly aýal-gyzlaram dik duran ýerlerinde buşugýan eken**.

Şonuň üçinem olar uzyn köýnekleriniň aşagyndan türsük geýmändirler.

**4. Kanadada her ýyl 225 erkek deňize buşugmak üçin gaýygyň üstünde dik durup deňize düşüpdir we gark bolupdyr.**

5. Gadymy Rimini jansyzlary gizlin resmi maglumatlary ýazanda peşewi görünmeýän syýa hökmünde ulanypdyrlar.

«Setirleriñ arasyny okamak» aýtgysy-da şundan gelip çykypdyr, çünki peşew bilen ýazylan hatlar diñe yşyga tutulanda görünipdir.

**6. Peşew derman öndürii kärhanalar tarapyndan derman taýýarlananda ulanylypdyr**.

Mysal üçin, ýüregagyra uçranlar gan lagtalarynyñ açylyşmagy üçin berilýän dermanlarda peşewden peýdalanylypdyr.

**7. Çagalaryñ ýaşy ulaldygyça peşew haltasy-da ulalýar. Kämillik ýaşyna ýetenleriñ peşew haltasy 2-5 sagat boýunça 2.5 bulgur peşewi saklap bilýär**.

Boýuñ uzynlygynyñ bolsa peşew haltanyñ ululygyna dahyly ýok.

**8. Eskimoslar çadyrlaryndaky gyzgyn gaýalaryñ ýüzüne buşugyp, «bug hammamlarynda» özlerini arassalapdyr**.

Hindistanda we Gündogar Afrikada suwuñ gyt ýa-da hapa ýerlerinde adamlar häzirem sygryñ peşewine ýuwunýar.

**9. Birnäçe asyr öñ angliýaly we fransiýaly aýal-gyzlar tenini ýalpyldatjak bolup peşew ulanypdyr.**

XXI asyrda laboratoriýalar modern losýonlarda we kremlerde ulanmak üçin sintetik «karbamid» (мочевина) öndürýär.

**10. Ýewropaly çörek bişirijiler hamyrmaýany oýlap tapmazdan öñ çörekleriniñ ýüzüni pökgertmek üçin peşew ulanypdyr.**

11. Erkekleriñ ýaşy gartaşdygyça peşewiniñ akyş tizligi peselýär.

Aslynda erkekler elli ýaşyna çenli aýallardan çalt buşugýan bolsa, elli ýaşdan soñ ýagdaý çalyşýar.

**12. Peşewiñ köpürjiklemegi böwrekler arkaly protein**

**bulaşygynyñ alamaty bolup biler**.

Onuñ yzygiderli we barha güýçlenip dowam etmegi süýjüli diabetiñ we gan basyş näsazlygynyñ alamatydyr.

**13. Kofe reñkli peşew bagyryñ funksiýa bozulmalaryndan ýa-da hapa ganyñ peşewe goşulmagyndan bolup biler**.

Noýba-nohut önümleriniñ aşa köp ulanylmagy, ysytma garşy dermanlar, käbir antibiotikler we bogun gowşadyjy dermanlar ulanylan ýagdaýynda orta çykýanam bolsa, şeýle ýagdaýda gyssagly maşgala lukmanyñyza ýüz tutmak maslahat berilýär.

**14. Moýses Alu ve Horhe Posada ýaly birnäçe tanymal beýsbol oýunçusy ellerindäki paklawugy aýyrmak üçin peşew ulandylar.**

15. Başga biriniñ ýaşynda buşukmazlyk pikir edilşinden has köp.

Geçirilen bir barlagyñ dowamynda amerikaly erkekleriñ 7-10%-niñ ýanynda adam bar bolsa buşukmasynyñ kynlaşýandygy anyklady.

**16. Peşewden humarlaýan, muny birtüýsli jynsy fetiş hökmünde görýän adamlar bar.**

Muña »golden shower» ýa-da »water sports» hem diýilýär.

**17. Böwrekler gandan galyndy maddalary, duzlary we beýleki maddalary özünden daşlaşdyrmak üçin peşewi emele getirýär.**

18. Öt pigmentleri peşewe we nejasata reñk berýär. Şolar bolmasa nejasat küljümek-ak reñkde, peşew bolsa suw ýaly dury bolardy.

Peşewdäki esasy öt pigmenti uroblin atly gyzyl-sary-kofereñk maddadyr.

**19. Käbir itler adamyñ peşewini ysgap, onuñ düwnüginiñ bardygyny-ýokdugyny anyklap bilýär.**

20. Birinji jahan urşunda gaz zäherlenmelerine garşy geýilýän maskalarda (protiwogaz) peşew ulanylypdyr, sebäbi peşewdäki ammoniak hlor gazyndaky hlory neýtralizasiýalaşdyrýandyr öýdülipdir.

Emma alymlar has soñra hlor gazynyñ peşew bilen reaksiýa girip, zäherli tüsseleri çykarýandygyny anykladylar.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar